# GEOSYÝASATYŇ ESASLARY

Aşgabat – 2010

© **Ata Çarygulyýew. Geosyýasatyň esaslary.** Ýokary okuw mekdepleriniň syýasaty öwreniş hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. Aşgabat, 2010.

Taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent A.Sähetmyradowyň ylmy redaksiýasy bilen

**Türkmenistanyň Bilim ministirligi tarapyndan hödürlendi**

**© Ata Çarygulyýew**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

## Giriş

Gadymy döwürlerden bäri adamlar öz ykbaly bilen öz ýaşaýan we özlerine iýmit tapynýan ýerleri bilen baglanyşygyny aýdyňlaşdyrmak isläpdirler. Geosyýasatçylyk pikirlenmesi tebigy giňişligi öwrenýän alymlara mahsusdyr.

German geosyýasatçylygy XX asyryň başlarynda, ýagny 1916 ýylda döreýär. Ony ylmyň içine şwed professory Rudolf Çellen girizdi.

Geosyýasat- ( gadymy grek sözi bolup ýer syýasat diýmegi aňladýar) –syýasatyň geografiýa baglylygy barada ylymdyr. Ol adamynyň öz talaplaryny, ukuplaryny, iş ýagdaýlaryny özgertmeklige, unuň netijisinde bolsa syýasaty dolandyrmaklyga mejbur edýän tebigy hadysalaryň toplumyny barlaýar.

Ýaňy-ýakynda geosyýasatyň şeýle kesgitlemesi hem ýüze çykdy: Geosyýasat-amaly, derslerara nazaryýet bolup, ol geografiki hadysalaryň jemgiýetiň ykdysady we syýasy täsirine görä döwlet hereketleriniňbaglalagyny öwrenýär. Ol ýurduň işindäki we halkara çäklerindäki döwlet syýasatyny nazary esaslandyrmakda ulanylýar.

XX asyryň başlarynda döwletiň güýji täsiri ýurduň geografik ýagdaýyna gönüden-göni baglydy: halkyň sanyna we tebigy baýlagyna baglydy. Geosyýasatda ýer giňişligine syýasy häkimligiň iň bir wajyp ätiýaçlygy hökmünde seredili. Ol döwletlere beýleki ýurtlar bilen global we lokal gatnaşyklary düzmeklige mümkinçilik berdi.

Geosyýasatyň itergisi bolup, syýasy geografiýa hyzmat etdi, ol adamyň güýç täsirleri astynda Ýeriň nähili özgerýändigini görkezdi. Syýasy geografiýadan adamlaryň gyzyklanmalaryny we ünslerini hem-de erklerini ugrulkdyrylmagyny üpjün edýär, adamlara erkinlerini amal etmekde kömek edýär.

Diýmek geosyýasat- bu bir tarapdan syýasy nazaryýet we döwlet ýolbaşçysynyň syýasy amaly. Şonlukda ylmy netijeler-geografiýa, geologiýa, gidrografiýa, botaniki we başgalar giňden ulanylýar. Başga tarapdan ol ýolbaşçysynyň erkinden, syýasy durmuşyň ösüşinden ugur alýar.

R. Çellen geosyýasat hökmünde döwlete giňelmeklige ymtylýan geografiki we biologiki organizm hökmünde seredýän ylma düşipşipdir. Şeýle-de ol bu kesgitlemä iň bir dürli bilimleriň toplumy girizipdir. Ol bilimler bolsa döwlet ýolbaşçysyna ýurduň ykdysadýetini we garaşsyzlygyny berkitmäge, dürli syýasy toparlary birikdirmäge we olary has täsirli dolandyrmaklyga ýardam edipdir.

Çelleniň döwründen bäri geosyýasaty geografiki hadysalaryň döwlet işlerine we dolandyrma sungatyna bolan otnuny görkezmekde döwlet ýolbaşçylaryň ünsüni çekmek serişdesi hökmünde kabul edýňrler. Geosyýasat onuň düşünmeginde döwlete geografiki jandar hökmünde seredilipdir, şol bir wagtda-da syýasy giňişlik diýlip kabul edilipdir. Başga söz bilen aýdanyňda , döwlet bu ýer, territoriýa, halkyň ýaşaýan gurşawy, şol bir wagtda-da ýurt. Diýmek geosyýasat- bu adamlaryň ýaşaýan gurşawyna bagly bolan döwletiň syýasatydyr. Gurşawa bolsa ýer, howa hem-de syýasat girýändir.

Landşawft(ýerüsti)-tebigy toplum bolup, oňa ýerüsti, klimat, toprag, suw, ösümlikler, janly dünýä girýär. Ýer üstüniň häsýetlerine köp zad baglydyr: ol ýerde ýaşaýan adamlaryň özboluşlylygy, söwda gatnaşyklary, hem-de syýasy güýçleriň goýulyşy. Iň bir wajyp syýasy we ykdysady baha ýollarda bardyr, şol sanda suw, deňze çykmak, okeana çykmak we şuňa meňzeş.

1) Tebigy baýlyklar, ykdysady kuwwatlyklar.
2) Halky, olaryň sany, düzümi, ýeriniň meýdany, tebigy serişdeleriň üpjünligi.

## Geosyýasat ylmy sebitler düşünjesi we olaryň gatnaşyklarynyň kanunalaýyklyklary barada.

Geosyýasat- bu daşary syýasatyň bir görnüşi bolup, ol döwletleriň territorial ýakynlygy we olaryň bähbitleriniň umumylygy bilen kesgitlenýär.

Geosyýasat ylmy (geosyýasy teorriýa) dünýäniň ol ýa-da beýleki sebtiniň giňişlik we syýasy häsýetnamalarynyň arasyndaky baglanşygy öwrenýär.

Sebit düşünjesi geosyýasatyň öwrenýän obýektleriň iň möhümleriniň biri bolup durýar. Sebit düşünjesini kesgitlemek üçin iki alamat ýetirlikdir:

1. halkara gatnaşyklarynyň özbaşdak umumylygynyň bolmagy (hemmeler üçin birmeňzeş problemalaryň "problema düwini") manysynda
2. döwletleriň we halklaryň bu umumylygynyň kesgitli geografik sebtiň çäkleri bilen çäklendirilmegi.

Häzirki zaman dünýäsinde geosyýasatyň roly birden ýokarlandy, sebäbi dünýä köne, gadymy bipolýar görnüşleri täze, ýokary hilli täze görnüşe, integrasiýanyň täze şekilline tarap üýtgedi. Integrasiýanyň täze görnüşi özbaşdaklygyň kömegi bilen meňzeşligi, deňligi gazanmak isleýän halklaryň yzygiderli diwersifikasiýasynda aralyk etapda ýerleşýär we onuň üsti bilen geçip gidýär.

Şonuň üçin iki merkezden dolandyrylýan dünýäniň deregine biz güýçlenýän we gowşak dolandyrylýan sebitleriň köpdürliliginei (Russiýa, Hytaý, ABŞ,  birleşen Ýewropa, Turkiýe, Ýaponiýa- sebitleriň merkezleri) görýäris. Syýasy ylym iki dünýä bloklarynyň arasyndaky gatnaşyklara garaşly (bagly bolan) uniwersal howpsyzlygyň probleryny uzag wagtlap öwrendi, bu gün bolsa ol glabal we regional howpsyzlygyň nähili utgaşýandygy baradaky sowala jogap

berip bilmeýär. Bu wezipäni bolsa geosyýasat ýerine ýetirmelidir.

Geosyýasat dürli halkara näme bileşdirýär, deosyýasy meýdanyň bitewligini emele getirýän güýçli (ykdysady, harby, syýasy) we inçe (din, medenýet, jemgiýet, mentalitet) özara baglanşyklar nähili utgaşýarlar we şuňa meşzeş soraglar bilen gyzyklanýar. Intidestabilizasiýasyny-durnuksyzlygy ýüze çykaryp biljek geosyýasy gozganmalaryň (mysal üçin, SSSR-iň dargamagy, täze garaşsyz döwletleriň emele gelmegi) esasnda harby syýasy we hukuk ykrar edilmekden has öň bolup geçýän gizlin, inçe sosiomedini özgermeler durýar. (mysal üçin, SSSR-iň dargamagy).

Sebitleriň gatnaşyklarynyň kanunalaýyklyklary barada.

Öňki SSSR-iň sebitleriniň bir bölegi günbatarda tarap hereket etmek islegini görkezýär, beý;eki böleginde bolsa Musuliman we Ýuwaş okean siwilizasiýalaryna güýçli lykgyn edilýändigiki görmek bolýar.

XIX-XX asyrlaryň taryhynyň görkezişi ýaly, Russiýa Türkmenistan üçin siwilizasion merkezbolupdyr.bu gün bolsa,ol:

1. Günbatar sewilizasion merkezi perefiriýasyny ;
2. Ýa-da ol özbaşdak sewilizasion merkezmi ;
3. Ýa-da häzirki wagtda eýýam tamamlanýan günbatar-gündogar dünýa sewilizasion merkezleriniň wagtlaýyn deňagramlylygymy;

Bu soraga jogap bermäge synanyşalyň, geosyýatyň aýdýan zadlary Türkmenistan üçin örän möhümdir. Geosyýasatyň aýtmagyna görä, hat-da syýasy režimiň radikal çalşygynda-da geosyýasy strukturalar we bähbitler berlen territoriýada öz tebigatyny saklaýarlar. Meselem, Sowet Soýuzy Russiýa Imperiýasyndan güýçli tapawutlanýardy, muňa garamazdan, Demirgazyga,

günorta, günbatara, gündogara geosyýasy ymtylmalaryň analizi SSSR-iň we Russiýa Imperiýasynyň geosyýasaty bilen örän men zeşligine şaýatlyk edýär (mysal üçin, Polşa, Owganistan, Finländiýa).

Häzirki günde GDA-nyň dürlim sebitlerine günbatar ýurtlary, Ýaponiýa, ýakyn gündogar, Tukiýe bilen göni gatnaşyklary ýola goýmak usuly bilen Russiýadan aýlanyp geçip, post industrial jemgiýete geçmeklige ymtylşy görmek bolýar. Emma, tejribäniň görkezişi ýaly, daşardan gelýän täze gelmişekler üçin geosyýasat meýdanynda boş ýer, boş orun ýok. Sebäbi geosyýasy meýdan berkidilendir we goralýandyr, eger şeýle edilmese ol aýratyn "meýdan" bolmazdy, dünýä bolsa durnukly konfigurasiýanyň emele getirmän, dagynyk döwletlerden durardy. Mysal üçin, Ýewropa 12, ASEAN. Sebitleriň institutsional berkidilen birleşiklerinden başga-da has inçe sosiomedeni baglanşyklar, şol sanda konfessional baglanşyklar bilen berkleşdirilen sebitler hem bar. Taryhy, dini, dil ulgamlarynyň we dessurlaryň Bitewiligi hukuk ulgamlarynyň berkarar edilmeginden, institutlaryň we kanunlaryň döredilmegi has güýçli bolup çykýar. Bitewilik döwletara derejesinde berkleşdirilmedik ykrar edilmedik bolsada uzak wagtlan dowam edip bilýär. Mysal üçin, Russiýanyň we Serbiýanyň gatnaşyklary-ne-hä ykdysady, ne-de ideologik (asiet) diýip atlandyryp bolýan durnukly çekişme. Syýasy medenýetde we antropologiýada bolşy ýaly, geosyýasatda-da formal däl strukturalara uly dereje degişlidir. Formal we formal däl strukturalarynyň arasynda degişlilik, doldurmaklyk ýada alternatiwlik ýaly gatnaşyklar kemala gelýär.

Deň hukuksyz çalşygyň kanuny barada-da aýtmak zerurdyr, bir döwletler-donorlar bolup, olar informasiýany şonuň bilen birlikde bolsa kesgitli

gymmatlyklary getirýärler, beýleki döwletler bolsa-özüniňkini çykarman, kesekilerinkini-beýlekileriň maglumatlaryny we şuňa meňzeş zatlaryny özüne sindirýärler. Döwletler-donarlar- bular açyk syýasy ulgamly döwletler beýleki döwletler bolsa ýapyk syýasy ulgamly bolup, olar üçin geosyýasat bu izioliýasinizm-üznilik çäreleriniň üsti bilen özüniň sosiomedeni gowşaklygyny kompensirlemekligiň serişdesi.

Şeýlelikde, geosyýasat bu bir döwletler üçin sebtiň merkezi hökmünde sosio-medeni artykmaçlygyny berkitmegiň serişdesi, beýleki döwletler üçin bolsa izolýasiýanyň we agressiýanyň serişdesi bolup durýar.

Soňky wagtlarda ýüze çykan okgunly wakalar Aziýada geosyýasy we geoykdysady ýagdaýlaryň, döwletara hem-de regional prosesleriň häsiýetiniň we ösüş meýilleriniň üýtgemegini öňünden kesgitledi. Täze, Garaşsyz döwletleriň emele gelmegi bu üýtgeşmeleriň möhüm düzüm bölegi boldy, şonuň netijesinde bolsa SSSR dargady, şol Garaşsyz döwletleriň her biri bolsa öz ösüş ýoluny seçip aldy.

Türkmenistan öz Garaşsyzlygynyň gazanmak bilen, halkara gatnaşyklarynyň özüne mahsus sistemasyny işjeň kemala getirip başlady, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk statusyny gazanmagy bolsa beýleki döwletler bilen, ilkinji nobatda bolsa Aziýada ýerleşýän öz goňşy döwletleri bilen birek-birege peýdaly we birek-birege sarpa goýulýan gatnaşyklary ýola goýmak üçin giň mümkinçilikleri açdy.

Türkmenistan Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň agzasy bolmak bilen, Ýewropanyň syýasy durmuşyna gatnaşyp, Ýewropanyň syýasy, ykdysady, maliýe guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk edip başlady.

Öz nobatynda regionda birek-birek bilen goşulyşmak, onlarça ýyllaryň dowamynda emeli ýagdaýda döredilen ideologiki päsgelçilikler arkaly bir-birinden aýrylan, üzňeleşdirilen döwletleriň birek-birege tebigy ýagdaýda gol ýapmagyny dikeltmek meýilleri barha äşgär ýüze çykýar.

Regionyň ösüşini gazanmagyň, däbe öwrülen taryhy, söwda-ykdysady, medeni-gumanitar gatnaşyklary dikeltmegiň umumy wezipeleriniň birleşdirýändigi üçin hem bu ýagdaý möhümdir. Hut şonuň üçin hem bu obýektiw taryhy talap Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyne emele getirdi we onuň täze itergi berdi.

Türkmenistan regional möçberde-de, has giň möçberlerde bütin dünýä möçberinde-de syýasy we ykdysady bähbitleriň iňňän möhüm çatrygynda ýerleşýär. Ol geografiýa taýdan iki kontinentiň, ýagny, Aziýanyň we Ýewropanyň birleşýän ýerindedir. Türkmenistan, Özbegistan, Owganystan, Eýran, Gazagystan bilen serhetleşýär, Kaspi deňziniň üsti bilen Russiýa, Azerbeýjanyň üsti bilen Zakawkaziýa çykyp bilýär.

Türkmenistanyň Prezindenti, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan ýöredilýän, ähli döwletler bilen birek-birege peýdaly hyzmatdaşlyk etmek esasy bolup durýan döwlet hökmünde onuň mundan beýleki ösüşi üçin has uly hem-de amatly şertleriň ýüze çykmagyna tarap özgerdýär.

Hut şonuň üçin hem ulaglar, energetika, telekommunikasiýa programmalaryň Türkmenistan üçin ileri tutulýan ugurlar bolmagy tötänleýin däldir, ýagny, şol programmalaryň ýüze çykmagy Türkmenistan döwletiniň baglanyşdyryjy körpi hökümindäki ýagdaýyndan hem-de hbaý tebigy resurslaryndan gelip çykýar.

Bu möhüm programmalary işläp taýýarlamak bolsa Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow umumy daşary ykdysady we daşary syýasy doktrinasynyň, ýagny hemişelik Bitaraplyk hem-de ykdysadyýetde “açyk gapylar” syýasatynyň çäklerinde alnyp barylýar.

Türkmenistan adamzadyň oturymly ýagdaýda mesgen tutan ýerinde ýerleşýär, müňlerçe ýyllaryň dowamynda häzirki türkmenleriň gadymy ata-babalary Ýewropa bilen Aziýanyň birleşýän ýerinde mesgen tutupdyrlar, bu ýerde asyrlaryň dowamynda durmuş we medeni gatnaşyklar ýola goýlup gelnipdir. Taryhda parfiýalylaryň Ýewropanyň halklary bilen hem, Aziýanyň halklary bilen hem ilkinji bolup diplomatik gatnaşyklary ýola goýandyklary barada subutnamalar bar. Şu ýagdaý bilen baglanyşyklylykda “Beýik ýüpek ýoly” diýen at bilen taryha giren ägirt uly transmilli magistralyň döremeginde türkmenleriň gadymy ata-babalary bolan parfiýalylaryň oýnan roly has täzeçe, has äşgär ýüze çykýar. Şunluk bilen, häzirki Türkmenistanyň territoriýasynda mesgen tutan halklaryň Ýewropanyň ýurtlary bilen öşara gatnaşyklary has gadymy döwürlerden öz gözbaşyny alyp gaýdýar. Bularyň hemmesi öz nobatynda türkmen halkynyň daşky dünýä bilen ylalaşyga, dostluga we hyzmatdaşlyga açyk göwün bilen çemeleşmek boýunça aýratyn özüne mahsus milli häsiýetiniň kemala gelmegine ýardam etdi.

Türkmenistan Gündogar-Günbatar, Demirgazyk-Günorta ugurlar boýunça uzak aralyklary gurşap alýan ulag ýollaryny baglanyşdyryjy halka bolan “bütin düýäniň ýedi ýolunyň çatyrygy” diýlip hak aýdylýar. Ýurdumyzyň Prezidenti, biziň guwanjymyz we buýsanjymyz, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow goňşy ýurtlar bilen, şolaryň üsti bilen bolsa planetamyzyň beýleki regionlarynyň ýurtlary bilen birek-birege peýdaly, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny ýola goýmak ugrunda arman-ýadaman aladalanýar. “Häzir bize

häzirki zamanyň transport sistemasy we aragatnaşyk sistemasy gerek. Şolarsyz Türkmenistanyň dünýä ykdasydiýetine goşulmagy mümkin däldir. Ozal transport aragatnaşygy Moskwanyň üsti bilen amala aşyrylýardy. Häzirki ýagdaýda biz Aziýa regionyna düýäniň beýleki regionlaryna göni çykmalydyrys. Türkmenistan, Russiýa, Eýran, Özbegistan, Türkiýe, Ýakyn Gündogaryň, Merkezi Aziýanyň ýurtlary bilen hyzmatdaşlyk edýär. Ýewropanyň we ABŞ-nyň uly kompaniýalary bilen giň möçberli aragatnaşyklar açylýar. Şonuň üçin-de biz dünýäniň ähli böleklerine çykmalydyrys.Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda Türkmenistan gyzyklanýan ýurtlar bilen "Demirgazyk-Günorta" ulag koridoryny döretmek baradaky taslamany işläp taýýarlamaga başlady, şol ulag koridory boýunça bolsa ulaglar Gündogar Ýewropanyň ýurtlaryndan Türkmenistanyň üsti bilen Eýrana we soňra Pars aýlagynda ýurtlara gitmeli. Baryp geçen asyrda Russiýanyň patyşasy Aleksandr 1-nji döwründe hem soňra Hindi okeanyna çykmak maksady bilen demir ýoluny Guşgynyň üsti bilen Eýrana ýetirmek barada uly proýekt döredilipdir. Mahlasy, şunuň ýaly taslamanyň işlenip taýýarlanmagy Russiýanyň has irki taryhy gyzyklanmasydyr. Hemişelik Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň hiç bir harby bloklara gatnaşmaýandygy we Russiýanyň Günorta serhetlerinde Bitaraplyk ýagdaýyny döredýändigi hem örän möhümdir.

Türkmenistanyň iň Günorta nokady bolan Guşgydan Pakistana çenli demir ýol liniýasyny gurmak taslamasynyň durmuşa geçirilmegi hem "Demirgazyk-Günorta" ulaglar sistemasyny döretmekde möhüm rol oýnar, şol demir ýol liniýasy bolsa diňe bir Pakistanyň däl eýsem tutuş Hindistan subkontinentiniň demir ýol sistemasyny Transaziýa magistraly bilen birleşdirmäge we şonuň üsti bilen Hindi okenyndan

Ýewropanyň ýurtlaryna göni gatnawy açmaga mümkinçilik berer.

Bu halkara demir ýol liniýasynyň gurulmaly netijesinde Russiýadan ýükleri Pars aýlagynyň bazarlaryna we Hindi okeanynyň bazarlaryna eltmegiň möhleti 14 gije-gündize barabar kemelýär.

Garaşsyz, Hemişelik Bitarap Türkmenistanyň, dostlukly Eýranyň we beýleki ýurtlaryň ykdysady hem-de sosial-medeni durmuşlary üçin Tejen-Sarahs-Maşat demir ýol liniýasynyň ähmiýeti biçak uludyr. Gündogardan, Günbatara, Ýaponiýadan, Günorta Koreýadan, Hytaýdan, Gazagystandan, Türkiýeden we beýleki ýurtlardan hem-de gaýdyşyn Ýewropadan Türkmenistanyň üsti bilen Ýakyn we Orta Gündogaryň hem-de Günorta-Gündogar Aziýanyň ýurtlaryna millionlarça tonna ýükler geçiriler.

“Türkmenistan dünýäniň iň wajyp çatrygynda ýerleşmek bilen, ýer ýüzüniň uglewodorod çig mal zapaslarynyň dörtden birine eýedir we tebigy gazyň zapaslary boýunça hem dünýäde dördünji orunda durýar. Şu ýagdaý hem biziň alyp barýan Bitarap syýasatymyzyň dogrudygyny tassyk edýär.

Bu demir ýol magistraly diňe bir türkmen halkyna, Eýran halkyna sowgat bolman, EKO ýurtlarynyň we dünýä halklaryna sowgatdyr. Bu bir diňe Türkmen-Eýran dostlugynyň simwoly bolman, dünýä halklarynyň gatnaşyklarynda täze bir eýýämi açjak dostluk köprüsidir. Hut gadymýetiniň şöhratly “Ýüpek ýoly” şol gün täzeden dikeldilýär, täzeden dünýä inýär diýsem, bu demir ýoluň ähmiýeti öz-özünden düşnükli bolar”.

## Geosyýasatyň çeşmeleri.

Belli rus alymy, jemgyýeti öwreniji R. Danilewskiý geosyýatyň çeşmeleri barada – özüniň ylmy işlerinde pikirlerini beýan edipdir.

R. Danilewskiý. Özüniň geosyýasatyň ylmyň teoriýasyna degişli işlerinde R. Danilewskiý bu meseleleri Döwletleriň taryhy nukdaýnazaryndan öwrenipdir.

R. Danilewskiň pikirine görä, geosyýasat ylmynyň esasy çeşmeleri hökmünde Döwletleriň, siwilizasiýalaryň, imperiýalaryň döremegi, ösmegi, hem-de Döwletleriň olaryň hökümdarlarynyň geçirýän içerki hem daşarky syýasatlary, olaryň üýtgemegi we Döwletleriň, beýik imperiýalaryň goýýan maksatlary bolup durýar.

Geosyýasatyň çeşmeleriniň – syýasy, ykdysady, social we beýleki sebäpleri bar.

II

Arnold Toýnbi – iňlis taryhçy we sosiolog – XX asyryň dünýä ylmynyň görnükli wekilleriniň biri. A. Toýnbi özüniň “Постижение истории” diýen eserinde geosyýasatyň çeşmeleri hakynda öz pikirlerini beýan edipdir. Onuň taryhyň pelsepesiniň esasy düşünjesi “Siklizm teoriýasy”. “Jemgyýetçilik progress” taglymaty ol inkär edipdir.

Dünýä taryhyny A. Toýnbi birnäçe siwilizasiýalaryň yzygiderli bir-birni çalyşýandygynda görüpdir. Ol siwilizasiýalar şol bir fazalary geçýärler: emele gelmek, ösüş, dagamak. Olaryň geçiren içerki we daşarky syýasatlary, goýan maksatlary geosyýasatynyň çeşmeleri hökmünde taryhda hereket edipdir diýip düşünipdir.

A. Toýnbiniň pikirine görä, günbatar siwilizasiýany dine jemgyýetde diniň rolunyň güýçlenmegi bilen halas edip bolar.

A. Toýnbiniň esasy eseri – 12 tomdan ybarat bolan “taryhy barlamak” diýen ylmy işi bolup durýar.

III

Günbatar Ỳewropanyň görnükli alymlarynyň biri Samuil Hantington XX asyryň 1-nji ýarymynda jemgyýeti öwreniş ylmyna uly goşant goşupdyr. Öz ylmy eserlerinde ol geosyýasat hakynda, geosyýasatyň çeşmeleri barada pikirlerini beýan edipdir.

1927-nji ýylda onuň “Siwilizasiýalaryň çakyşmagy” diýen ylmy işi çykýar. Bu işinde Samuil Hantington geosyýasatyň çeşmesi hökmünde Siwilizasiýalaryň, Imperiýalaryň Döwletleriň gapma-garşylyklary, çakyşmagyny getirýär. Siwilizasiýalaryň göreşi, bäsleşikleri geosyýasatyň, öňe gitmegine itergi berýär.

## Geosyýasatyň harby-strategiki we geografiki çeşmeleri.

Ỳewropanyň görnükli alymlary – Nikola Makiawelli, Klaus fon Klauzewis, H.J. Moltken – geosyýasatynyň harby-strategiki çeşmeleri barada pikirlerini öz ylmy işlerinde beýan edipdirler. Bu alymlaryň pikirlerine görä, geosyýasatyň çeşmesi hökmünde harby-strategiki hereketler uly rol oýnaýarlar. Sebäbi harby-strategiki hereketler netijesinde dünýäň geografiki kartasy üýtgeýär.

Amerikanyň belli taryhçysy – harby-deňiz nazaryýetçi Alfred Mehen özüniň “Влияние морской мощи на историю” diýen ylym işinde strategiki-harby pikirleri beýan edipdir. Alfred Meheniň pikirine görä, güýçli harby-deňiz flotly döwletler geosyýasy ýagdaýlary düýpli üýtgedip bilýär.

II

XIX – XX asyrlarda ýaşap geçen rus alymy Milýütiniň öž harby-strategiki konsepsiýasyny ylmy işlerinde beýan edipdir. Milýütiniň pikirine görä, Döwletleriň herby-strategiki hereketleri geosyýasy ýagdaýlary düýpli üýtgedip bilýär. Şol hereketleriň üsti bilen uly imperiýalar emele gelýärdi. Bu imperiýalar täze we suw giňişlikleri öz teoriýasyna goşýardylar. Geosyýasatyň geografiki çeşmeleri hakynda Ỳewropa alymlary öz ylmy işlerinde pikirlerini beýan etdiler.

Gadymy grek alymlar – Polibiý we Aristotel geosyýasatyň geografiki eşmeleri hakynda ýazan ylmy işlereinde pikirlerini beýan edipdirler. Olaryň pikirlerine görä, geosyýasy ýagdaýlary geografik çeşmeleri üýtgedýär.

Žan Boden özüniň "Шесть книг о государстве" kitabynda geosyýasatyň geografiki çeşmeleri hakynda öz pikirlerini beýan edipdir.

Şarl Monteskýe "О духе законов" eserinde geosyýasatyň klimatdan gelip çykyşy barada öz pikirlerini beýan edipdir.

Aleksandr Gumbolt (1769-1859) adamlaryň, döwletiň we guşap alýan dünýäniň arasyndaky gatnaşyklaryň geosyýasatyň çeşmeleri bolup çykyş edýändigi barada öz pikirlerini ylmy işlerinde beýan edipdir.

**Geosyýasatyň obýekti we predmeti barada.**

Geosyýasat ylmynyň esasy meseleleriň biri – bu ylmyň obýektini kesgitlemek bolup durýar. Muny kesgitlemek üçin dünýäň alymlary köp ylmy – barlag, derňew işlerini geçiripdirler.

Geosyýasat ylmynyň obýekti – planetanyň giňişligi, geosyýasy prosessler we hadysalar dünýä ulgamydyr. Geosyýasatyň obýektlerini dünýäniň ähli Döwletleriň alymlary yzygiderli öwrenýärler, olara gözegçilik we kontrol işleri geçirýärler. Häzirki zaman, döwrebap tehnologiýalaryň kömegi

bilen, Internet – halkara kompýuter ulgamynyň üsti bilen alymlar geosyýasatyň obýektlerine akyl ýetirýärler, Derňew hem barlag işlerini geçirýärler. Şol esasynda düzülýän çaklamalar hem teklipler Döwlet we Milli maksatnamalarynda ýerleşdirilýärler.

Geosyýasatyň predmeti – geosyýasy meselelerini çözmekde geosyýasy subýektlaryň gatnaşygydyr. Geosyýasy meseleleri dine ikitaraplaýyn ýa-da köptaraplaýyn duşuşuklaryň dowamynda çözmek mümkindir. Meselem, dürli Döwletleriň wekilleri duşuşyp, jedelli meseleleri parahat gepleşikleriň dowamynda çözmegi.

## Geosyýasatyň döwürleri.

Geosyýasatyň döwürleri – geosyýasy ylmyň möhüm meselesi bolup durýar.

Geosyýasatyň 1 – 3-nji döwürleri: 1-nji döwür – Kontinental Rimyň we deňiz Karfagenyň biri-birine garşy durmagynyň döwri;

2-nji döwür – Westfal halkara gatnaşyklary ulgamynyň döremegi we täze geosyýasy ulgamyň tassyklanmagy;

3-nji döwür – Wena kongresyndan (1814-1815) täze dünýä geosyýasy merkezleriniň döremegi.

II

Geosyýasatyň 4 – 6-nji döwürleri: 4-nji döwür – XIX asyryň ahyrynda ABŞ-nyň we Germaniýanyň güýçlenmegi bilen geosyýasy kartanyň üýtgemegi. Wersal döwri.

5-nji döwür – Ikinji Jahan urşy we potstam döwrüniň başlanmagy.

6-nji döwür – SSSR-yň dargamagy ýa-da Belowej döwri.

## Geosyýasatyň esasy kanunlary.

Dualizm kanunyň many-mazmuny. Dualizm – bu filosofik taglymat bolup durýar. Monizm diýen taglymatyň garşysyna dualism - ýaşaýşyň maddy hem ruhy esaslaryny deň derejedäki düşünjeler hökmünde ykrar edýär, hem-de olary aýrylmaz bitewlikde öwrenýär.

Geosyýasatyň esasy kanunlarynyň biri – giňişlik faktoryň güýçlenmegi barada kanun. Bu kanunyň many-mazmuny giňişlik faktorlaryň Döwletleriň geçirýän geosyýasy ugurlaryna täsir etmeklik bolup durýar. Taryhda belli bir Döwletler we Imperiýalar belli bir Döwletler we Imperiýalar özüniň teritoriýasyny ulaltmak üçin, birnäçe täze ýerleri, giňişlikleri öz teritoriýasyna goşardylar.

Umuman – geosyýasy ylymda örän uly rol oýnaýar. Geosyýasatyň esasy kanunlarynyň biri – gury ýeriň we denizen gatnaşyklary barada kanun.

Bu kanuna laýyklykda gury ýeriň we deňziň arasynda arabaglanşyk, hem deňagramlylyk çaklanmaly. Gury ýer we deňizler geosyýasatyň esasy obýektleri bolup durýar. Dünýäň Döwletleri gury ýeriň we deňziň gatnaşyklaryna üznüksiz gözegçilik etmeli hem Döwletiň halkyň bähbidi üçin ulanmalydyr.

## Geosyýasatyň esasy düşünjeleri.

Geosyýasatyň esasy düşünjeleri:

1. Geosyýasatyň giňişliginiň üstünden gözegçiligi saklamak barada düşünjesi.

Dünýäniň ähli döwletleri ýörite usullar bilen hemişe gözegçiligi saklaýarlar.

2. K.L. Pleşikowyň geosyýasy giňişlik düşünjesiniň klassifikasiýasy.
3. Geosyýasy gatnaşyklar düşünjesi.
Geosyýasy gatnaşyklar – bu ulgamyň subýektlerynyň arasynda geçirilýär. Bu duşuşyklar jedelli meseleleri adalatly çözmek üçin zerur bolup durýar. Geosyýasy gatnaşyklara Döwlet edaralary, ýa-da aýry şahsyýetler goşulýarlar. Netijede-de meseleler demokratiýa, kanun esasynda hemme taraplar üçin bähbitli tamamlanýar.

Geosyýasatyň esasy düşünjeleri:
1) Geosyýasatyň giňişlik düşünjesi.
2) Geosyýasatyň bähbit düşünjesi.
Her Döwletiň onuň halkynyň öz geosyýasy bähbitleri bar. Şol bähbitleri kesgitlemek, öwrenmek, amala aşyrmak – ol Döwlet edaralaryň – bitirmeli işler bolup durýar.
3) Geosyýasy bähbidi ýerine ýetirmek ugurlary barada düşünje.

## Geosyýasy ylmyň usullary.

Geosyýasy ylmyň örän möhüm bölegi – usullar meselesi bolup durýar. Köp wagtyň dowamynda, dünýäň alymlary ylmy – amaly işleri geçirmegiň netijesinde birnäçe usullaryny kesgitläp bildiler.

Esasan geosyýasy ylmyň şu aşakdaky usullary bar:

1) Ulgamlaýyn usuly. Bu usulyň üsti bilen öwrenilýän obýekt bölekleýin däl – tutuş ulgamy, sistemesy bilen öwrenilýär, hem-de belli netijä gelinýär.

2) Karl Marksyň we Parsonyň geosyýasy ulgamlaýyn derňewleri.

3) Işşeňgirlik ylmy usuly.

4) Deňeşdirme ylmy usuly, ýagny düzümleri deňeşdirip, belli bir netijä gelmek.

5) Taryhy ylmy usuly – öwrenilýän meseleleri taryhy nukdaýnazardan öwrenmek, onuň taryhy ösüş tapgyrlaryny ylmy taýdan barlamak, akyl ýetirmek, ösüşiň yzygiderligine we dowamlylydyna akyl ýetirmek.

6) Normalar arkaly geosyýasy barlaglary geçirmek usuly, ýagny klassifikasiýa, shemalar, tablisalara laýyklykda ylmy barlag işleri geçirmek.

7) Gymmatlyklara esaslanyp, geosyýasy gözegçilikleri geçirmek ylmy usuly, ýagny Döwletiň milli baýlyklaryna esaslanyp – berk gözegçilik işlerini geçirmek.

8) Geosyýasatyň gurluşyny we ýerine ýetirmelerini derňew etmeginiň usuly.

9) Institutlary öwrenmegiň ylmy usuly, ýagny Döwletiň edaralaryny we guramalaryny ylmy taýdan öwrenmek.

10) Antropologik ylmy usuly.

11) Umumy logiki ylmy usuly, ýagny ylmy barlaglarda umumy logikanyň kadalaryna esaslanmak.

II

Geosyýasy ylmyň usullarynyň ähmiýeti örän uly bolup durýar. Sebäbi şol usullaryň üsti bilen geosyýasaty öwrenýän alymlar belli bir ylmy netijä gelip bilýärler.

Meselem, Deňeşdirme usulyň üsti bilen, dünýäň beýleki Döwletleriň geosyýasy ýagdaýlaryny öz geosyýasy ýagdaýlary bilen deňeşdirip, pozitiw zatlary ýa-da kemçilikleri görüp bolýar.

Taryhy usulyň üsti bilen, Döwletleriň geosyýasy ösüşiniň hem kämilleşmegiň taryhyny, tapgyrlary, geçen ýollary, Kabul edilen we amala aşyrylan maksatnamalaryny netijeli öwrenmek bolar.

## Geosyýasatyň funksiýalary.

Geosyýasy ylmyň funksiýalary, ýagny bitirýän işleri – bu ylmyň örän möhüm hem esasy meseleleriň biri bolup durýar.

Geosyýasatyň funksiýalary – bu ylmyň taryhy ösüşiň dowamynda, ylmy-amaly işleriň netijesinde onyk kesgitlenildi. Geosyýasatyň funksiýalaryna şu aşakdakylary degişli:

1) Geosyýasatyň bilim almak funksiýasy. Geosyýasat ylmy hemişe bizi gurşap alan tebigata akyl ýetirýär, öwrenýär, täze-täze maglumatlary alýar. Şu funksiýalaryň üsti bilen adamzat öz ylym-bilim derejesine iň täze bilimleri bilen baýlaşdyrýar. Häzirki zaman, döwrebap tehnologiýanyň kömegi bilen, şol sanda “Internet” sistemanyň kömegi bilen daşky sreda hakynda iň täze bilimler alynýar.

2) Geosyýasatyň çaklama funksiýasy. Alnan maglumatlaryň, geçirlen ylmy barlaglaglaryň esasynda ylmy çaklamalar taýýarlanylar. Bu çaklamalar bolsa, döwletiň kanunlarynda Kabul edilen ösüş maksatnamalarynda öz ornuny tapýar.

3) Geosyýasatyň dolandyryş funksiýasy. Geosyýastyň möhüm funksiýasy bolan dolandyryş funksiýasynyň üsti bilen Kabul edilen maksatnamalar, proýektler durmuşy amala aşyrylýar, hem döwletiň ösüşine täsir edýär.

4) Geosyýasatyň ideologik funksiýasy. Geosyýastyň Döwletiň ideologiýasyna täsiri gaty uly. Geosyýasy barlaglaryň netijesinde döreýän pikirler, garaýyşlar Döwletiň ideologiýasynyň aýrylmaz bölegi hökmünde hyzmat edýär. Meselem, Awaza – erkin ykdysady zonasy baradaky geosyýasy pikirler we düşünjeler, Garaşsyz Türkmenistan Döwletiň Galkynyş we özgertmeler ideologiýasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

Geosyýasatyň funksiýalarynyň ähmiýeti we tutýan orny örän uly hem möhümdir. Geosyýasatyň funksiýalary adamalaryň maddy we ruhy durmuşyna uly täsir edýär. Geosyýasatyň bitirýän funksiýalary ahyrky netijede Döwletleriň üstünlikli ösüşine ýardam berýärler. Sebäbi, onuň amala aşyrýan funksiýalaryň netijesinde Döwletiň geosyýasy ýagdaýlary gowy öwrenilip olary amatly çözmäge mümkinçilik döreýär.

## Fridrih Rasseliň geosy yasy mekdebi.

Fridrih Ratsel – Günbatar Ỳewropanyň XIX – XX asyryň görnükli alymlarynyň biri.(1844-1904)

Fridrih Ratsel geosyýasy ylma uly goşant goşan jemgyýeti öwrenen alymdy. Fridrih Ratseliň öz geosyýasy taglymaty bar. Bu taglymatyň esasy ugurlary

1) Dünýäniň halklaryny öwrenmek olaryň ýerlerini geografiki obýektlaryny – daglary, deňizleri, tokaýlary, çölleri.

Fridrih Ratsel dünýäniň halklaryny deňeşdirme jähtden öwrenipdir.

2) Fridrih Ratseliň klimat barada köp pikirlerini onuň ylmy işlerinde tapyp bolýar. F. Ratseliň nygtaýşy ýaly, Halkara durmuşda klimatyň uly ähmiýeti bar. Klimat Döwletleriň geosyýasy ýagdaýlaryna güýçli täsir edip, ony üýtgedip bilýär.

3) Fridrih Ratseliň giňişlik barada taglymaty bar. Şol taglymatynda ol giňişlik diýen düşünjäniň ähmiýetini belläp geçýär. Hemde giňişligi geosyýasyň esasy düşünjeleriniň biri hökmünde hasap edýändigini belleýär.

Fridrih Ratseliň esasy eserleri:

1) “Земля и жизнь”

2) “Народоведение”

3) “Сравнительное народоведение”

Bu eserleriň esasy many-mazmuny halklaryň, Döwletleri, sebitleri geosyýasy nukdaýnazardan öwrenmek we olaryň geosyýasy ýagdaýlara edýän täsirine akyl ýetirmek bolup durýar.

II

Fridrih Ratseliň geosyýasaty taglymatlary geosyýasy ylmyna uly goşant goşupdyrlar. Fridrih Ratseliň geosyýasatyň çeşmeleri bolan ýer-klimat, halklaryň ýerleşişi baradaky pikirleri ylmy taýdan gymmatly bolup durýar.

Fridrih Ratseliň giňişlik baradaky taglymaty geosyýasy tarapyndan hem pelsepe tarapyndan geosyýasy ylmyny ösdürmäge güýçli itergi berýär. Fridrih Ratseliň geosyýasy pikirleri beýleki alymlar dowam edýär.

## Rudolf Çelleniň geosyýasy taglymaty.

Rudolf Çellen – Günbatar Ỳewropanyň görnükli alymlarynyň biri. Rudolf Çellen geosyýasy ylmyna agramly goşant goşan adam.

Rudolf Çellen Fridrih Ratseliň ideýalaryny dowam etdiriji.

Rudolf Çellenyň geosyýasy taglymaty we nazaryýeti bar.

Rudolf Çelleniň geosyýasy taglymatynyň esasy ugurlary.

1) giňişlik barada taglymat
2) Döwletleri öwrenmek.
3) hukuklary öwrenmek
4) halklary deňeşdirme usulyny öwrenmek
5) klimatyň halkara durmuşyna edýän täsiri.

Rudolf Çlenniň işlän döwründe Germaniýanyň III Reýhynyň geosyýasaty ýüze çykýar.

Rudolf Çlenniň geosyýasy taglymaty we ylmy pikirleri geosyýasy ylymy ösdürmäge öz goşandyny goşdy. Onuň Döwletler hukuklar, ýer giňişlik klimata täsiri we beýleki ylmy pikirleri geosyýasat ylymda täze ylmy ugurlarynyň düýbini tutdy.

## Makinderyň “Географическая ось истории” atly eseriniň many-mazmuny.

Makinder – günbatar ylmynyň görnükli wekilleriniň biridir. Makinder – geosyýasy ylmyna täze pikirleri we ugurlary goşup bu ylymy ösdüren alym bolup durýar. Makinderiň esasy ylmy eseri geosyýasata degişli bolan “Географическая ось истории” diýen kitap bolup durýar. Bu kitapda Makinder taryhda, syýasatda – geografiki faktoryň ähmiýetini birinji ýerde goýýar. Makinder ilkinji bolup geosyýasatda “Hartlend” diýen düşünjäni ulanypdyr. ”Hartlend” - ýeriň ortasy diýmekdir. Makinderiň aýdyşyna görä onuň dünýä agalygy üçin ähmiýeti bar. Makinderiň bu pikiri faşizmiň taglymatyna golaý bolup durýar.

Makinderiň geosyýasy garaýşlary onuň öwrenen we akyl ýertiren geosyýasy hadysalary we ýagdaýlary geosyýasy ylma öz goşandyny doşupdyr, ylmy ösdüripdir, täze ugurlara, pikirlere ýol açypdyr. Makinder öz döwrüniň adamsy bolup, şol döwrüň syýasatyna laýyklykda, öz ylmy taglymatyny we garaýsyny düzüpdir.

## Karl Haushoferiň geosyýasy taglymaty.

Karl Haushofer nemes geosyýasatçysy Germeniýanyň ilkinji geosyýasy mekdebiniň düýbini tutan görnükli alym(1869-1946). 1924 – 1944-nji ýyllarda ol Germaniýada ýörite geosyýasata degişli “Geosyýasat” atly žurnaly çap

edipdir. Karl Haushohferiň ylmy işleri esasan uzak gündogar DÖwletleri Ỳaponiýa döwleti degişlidir. Ỳaponiýa döwletiniň giňişliginiň ösüşi we onuň milli düzüminiň arabaglanşygyny görkezjek boldy. Karl Haushofer F. Retseliň we R. Çelleniň taglymatlaryny dowam edipdir.

Karl Haushoferiň geosyýasy taglymaty we garaýyşlary faşistik Germaniýanyň III-nji Reýhiň resmi syýasy doktrinanyň bir bölegi bolupdyr.

Karl Haushoferiň geosyýasy taglymaty – faşistik agresiýanyň teoretiki esasy hökmünde hyzmat edipdir.

Kaarl Haushoferiň ylmy işleriniň esasy ugurlary:

a) geografiki determenizm

b) Rasizm teoriýasy

ç) döwleti – janly organism hökmünde ykrar edýän konsepsiýasy.

Karl Haushofer Günbatar Ỳewropanyň görňükli alymlaryň biri bolup, geosyýasy ylmyna uly goşant goşupdyr. Karl Haushofer täze öň öwrenilmedik ugurlaryň we pikirleriň döredijisi bolup durýar. Karl Haushofer Gündogar Döwletleriniň, hususan-da Ỳaponiýanyň geosyýasatyny köp ýyl öwrenen alym. Geografiýa, giňişlik, klimat we olaryň Döwletlerinin syýasatyna edýän täsiri, geosyýasy ýagdaýlary üýtgedip bilýändigi barasynda öz ylmy pikirlerini beýan edipdir.

## Häzirkizaman Günbatar geosyýasy taglymatlary we mekdepleri.

Häzirkizamanda Dünýäde geosyýasy özgertmeler täze geosyýasy ýagdaýlar we hadysalar geçip durlar.

Günbatar Döwletlerde täze geosyýasy taglymatlar we mekdepler peýda boldy. Olaryň içinde:

1) Atlantizm taglymaty – NATO guramanyň giňelmegi;

2) Bjezinskiý we Kissenjeriň täze geosyýasy garaýşlary.
3) Samuil Hantingtonyň “Täze atlantizm” nazarýeti.
4) Fukuýamanyň “Taryhyň ahyry” atly taglymaty.

Häzirkizaman Günbatar alymlaryň ylmy taglymatlarynda esasy piker – Atlantizm, ýa-da täze Atlantizm barada pikirleri eriş-argaç bolup geçýär.

XX asyryň 909-nji ýyllarynyň başynda Dünýä syýasatynda örän uly waka bolup geçýär - ýagny, SSSR Döwleti dargap, onuň ýerinde 15 sany Garaşsyz, özbaşdak Döwletler peýda bolýar. SSSR-iň dargamagy bilen, Dünýäň geosyýasy ýagdaýy düýpli üýtgeýär we täze geosyýasy ýagdaý emele gelýär.

SSSR Döwletiniň ýerinde 15 sany Garaşsyz, özbaşdak Döwletler peýda bolýar. Bu Garaşsyz döwletleriň 12-si GDA girýärler, 3-si bolsa(Litwa, Latwiýa, Estoniýa) girmeýärler.

Bu 15 sany öňki sowet respublikalaryň hersiniň özbaşdak geosyýasaty bar. Geosyýasy ugurlary durmuşa geçirmekde hersi öz ýoly bilen gidýär.

## Russiýanyň geosyýasy mekdepleri.

Geosyýasy ylmyň Dünýä möçberinde ösüşine Rus alymlar – geosyýasatçylar uly hem agramly goşant goşupdyrlar.

Geosyýasaty öwrenen, ylmy, barlaglary geçiren Rus alymlary:

1) M.W. Lomonosow. Onuň pikirine görä, Döwletiň geosyýasy ýagdaýyna geografik we klimat faktorlay uly täsir edýärler.

2) M.I. Dal.

3) D.I. Mendeleýew – tebigatyň adamzat jemgyýetine edýän täsiri barada pikirleri ýazan ylmy işlerinde beýan edipdir.

4) D.A. Malýutin – görnükli rus alymy bolup, ol özüniň ylmy işlerinde Döwletiň geosyýasatynyň esasy ugurlary hakynda ýazypdyr.

5) W.P. Semýonow Týanşanskiý görnükli Rus alymy, tebigaty, geografiýany öwrenen alym. Onuň ýazan ylmy geosyýasy pikirleri bar.

6) L.N. Gumelýow – Beýik Rus alymy bolup, ol gaty uly geosyýasy mirasy goýupdyr. Onuň ylmy barlaglarynyň esasy ugry - Ỳewraziýa diýen düşünje.

Ỳewraziýa hereketiniň esasy many-mazmuny bu 2 kontinentlaryň Russiýa Döwletine edýän geosyýasy täsirini öwrenmek, akyl ýetirmek we belli ylmy netijelere gelmek.

Umuman, Rus alymlary Dünýäniň geosyýasy ylmynda örän uly goşant goşupdyrlar. Aziýa we Ỳewropa kontinentleriniň geosyýasy ýagdaýlaryny öwrenip, olar bu ylmyň täze usullaryny, düşünjelerini girizip, ulanyp başlapdyrlar.

Köp sanly halklaryň ýerleşişini we oňa täsir edýän faktorynda akyl ýetiripdirler.

## Häzirkizaman Dünýäsinde geosyýasatyň orny.

XX asyryň ahyrynda 90-nji ýyllaryň başynda gaty uly Dünýä möçberinde syýasy wakalar bolup geçdi. Geosyýasy ýagdaý, SSSR-iň dargamagy bilen, düýpli üýtgedi.

SSSR-iň ýerinde 15 sany Garaşsyz özbaşdak Döwletler peýda boldy. 15 Döwletden 12-si Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň (GDA guramasy) agzasy, 3-si bolsa (Litwa, Latwiýa, Estoniýa) bu gurama girmeýärler.

SSSR-iň dargamagynyň netijesinde bu Garaşsyz döwletler öz geosyýasy bähbitleri bar. Şol geosyýasy bähbitlere laýyklykda bu döwlerler öz içerki we daşarky syýasatlaryny, milli maksatlaryny düzüp, durmuşa amala aşyrýarlar.

Bu bolup geçen wakalar Dünýä kartasyny üýtgedýär.

Garaşsyz Döwletleriň geosyýasaty dürli ugurlar boýunça durmuşa geçirilýär. Garaşsyz Döwletleriň bir bölegi NATO – harby guramanyň agzasy bolmak üçin hereketleri edýärler. Beýleki Garaşsyz Döwletler özüniň geografiki ýerleşişini we beýleki tebigy ýagdaýlaryny täze ykdysady, social-medeni sistemalary döretmek üçin täze guramalar bilen gatnaşyklary açmak hem olary ösdürmek üçin ulanýarlar. Meselem, Garaşsyz Bitarap Türkmenistan döwleti özüniň geosyýasy ýerleşişini ulanyp, Hazar deňzindäki “Awaza” kurortynda – halkara erkin ykdysady zolagy diýip yglan edipdir. Türkmenistanyň geosyýasatynyň easasy ugurlarynyň biri – “Açyk gapylar” syýasaty bolup durýar. Garaşsyz döwletleriň täze geosyýasy hili Dünýäň syýasatyna uly täsir edýär.

## Türkmenistanyň geosyýasaty.
## Türkmenistanyň sebit syýasatynda orny.

Soňky wagtlarda ýüze çykan okgunly wakalar Aziýada geosyýasy we geoykdysady ýagdaýlaryň, döwletara hem-de regional proseslerіň häsiýetiniň we ösüş meýilleriniň üýtgemegini öňünden kesgitledi. Täze, Garaşsyz döwletleriň emele gelmegi bu üýtgeşmeleriň möhüm düzüm bölegi boldy, şonuň netijesinde bolsa SSSR dargady, şol Garaşsyz döwletleriň her biri bolsa öz ösüş ýoluny seçip aldy.

Türkmenistan öz Garaşsyzlygynyň gazanmak bilen, halkara gatnaşyklarynyň özüne mahsus sistemasyny işjeň kemala getirip başlady, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk statusyny gazanmagy bolsa beýleki döwletler bilen, ilkinji nobatda bolsa Aziýada ýerleşýän öz goňşy döwletleri bilen

birek-birege peýdaly we birek-birege sarpa goýulýan gatnaşyklary ýola goýmak üçin giň mümkinçilikleri açdy.

Türkmenistan Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň agzasy bolmak bilen, Ýewropanyň syýasy durmuşyna gatnaşyp, Ýewropanyň syýasy, ykdysady, maliýe guramalary bilenb işjeň hyzmatdaşlyk edip başlady.

Öz nobatynda regionda birek-birek bilen goşulyşmak, onlarça ýyllaryň dowamynda emeli ýagdaýda döredilen ideologiki päsgelçilikler arkaly bir-birinden aýrylan, üzňeleşdirilen döwletleriň birek-birege tebigy ýagdaýda gol ýapmagyny dikeltmek meýilleri barha äşgär ýüze çykýar.

Regionyň ösüşini gazanmagyň, däbe öwrülen taryhy, söwda-ykdysady, medeni-gumanitar gatnaşyklary dikeltmegiň umumy wezipeleriniň birleşdirýändigi üçin hem bu ýagdaý möhümdir. Hut şonuň üçin hem bu obýektiw taryhy talap Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyne emele getirdi we onuň täze itergi berdi.

Türkmenistan regional möçberde-de, has giň möçberlerde bütin dünýä möçberinde-de syýasy we ykdysady bähbitleriň iňňän möhüm çatrygynda ýerleşýär. Ol geografiýa taýdan iki kontinentiň, ýagny, Aziýanyň we Ýewropanyň birleşýän ýerindedir. Türkmenistan, Özbegistan, Owganystan, Eýran, Gazagystan bilen serhetleşýär, Kaspi deňziniň üsti bilen Russiýa, Azerbeýjanyň üsti bilen Zakawkaziýa çykyp bilýär.

Türkmenistanyň Prezindenti, çuňňur hormatlanylýan Mertebesi Belent Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy tarapyndan ýöredilýän, ähli döwletler bilen birek-birege peýdaly hyzmatdaşlyk etmek esasy bolup durýan döwlet hökmünde onuň mundan beýleki ösüşi üçin has ulyt hem-de amatly şertleriň ýüze çykmagyna tarap özgertdi.

Hut şonuň üçin hem ulaglar, energetika, telekommunikasiýa programmalaryň Türkmenistan üçin ileri tutulýan ugurlar bolmagy tötänleýin däldir, ýagny, şol programmalaryň ýüze çykmagy Türkmenistan döwletiniň baglanyşdyryjy körpi hökümindäki ýagdaýyndan hem-de hbaý tebigy resurslaryndan gelip çykýar.

Bu möhüm programmalary işläp taýýarlamak bolsa sarpaly Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň umumy daşary ykdysady we daşary syýasy doktrinasynyň, ýagny hemişelik Bitaraplyk hem-de ykdysadyýetde "açyk gapylar" syýasatynyň çäklerinde alnyp barylýar.

## Türkmenistanyň sebit syýasatynýň taryhynda orny we ähmiýeti.

Türkmenistan adamzadyň oturymly ýagdaýda mesgen tutan ýerinde ýerleşýär, müňlerçe ýyllaryň dowamynda häzirki türkmenleriň gadymy ata-babalary Ýewropa bilen Aziýanyň birleşýän ýerinde mesgen tutupdyrlar, bu ýerde asyrlaryň dowamynda durmuş we medeni gatnaşyklar ýola goýlup gelnipdir. Taryhda parfiýalylaryň Ýewropanyň halklary bilen hem, Aziýanyň halklary bilen hem ilkinji bolup diplomatik gatnaşyklary ýola goýandyklary barada subutnamalar bar. Şu ýagdaý bilen baglanyşyklylykda "Beýik ýüpek ýoly" diýen at bilen taryha giren ägirt uly transmilli magistralyň döremeginde türkmenleriň gadymy ata-babalary bolan parfiýalylaryň oýnan roly has täzeçe, has äşgär ýüze çykýar. Şunluk bilen, häzirki Türkmenistanyň territoriýasynda mesgen tutan halklaryň Ýewropanyň ýurtlary bilen öşara gatnaşyklary has gadymy döwürlerden öz gözbaşyny alyp gaýdýar. Bularyň hemmesi öz nobatynda türkmen halkynyň daşky dünýä bilen ylalaşyga, dostluga we hyzmatdaşlyga açyk göwün bilen çemeleşmek

boýunça aýratyn özüne mahsus milli häsiýetiniň kemala gelmegine ýardam etdi.

**Türkmenistanyň Prezidenti G.M.Bedimuhamedowyň Ỳewropany we Aziýany birleşdirmek üçin geçirýän ajaýyp ulaglar boýunça syýasaty.**

Türkmenistan Gündogar-Günbatar, Demirgazyk-Günorta ugurlar boýunça uzak aralyklary gurşap alýan ulag ýollaryny baglanyşdyryjy halka bolan “bütin düýäniň ýedi ýolunyň çatyrygy” diýlip hak aýdylýar. Ýurdumyzyň Prezidenti, biziň guwanjymyz we buýsanjymyz, G.M.Bedimuhamedow goňşy ýurtlar bilen, şolaryň üsti bilen bolsa planetamyzyň beýleki regionlarynyň ýurtlary bilen birek-birege peýdaly, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny ýola goýmak ugrunda arman-ýadaman aladalanýar. Hormatly Prezidentimiz G.M.Bedimuhamedow ýurdumyzyň Garaşsyzlygyny gazanandan soň bada-bat bu öňde duran wezipeleri aýdyň beýan etdi. “Häzir bize häzirki zamanyň transport sistemasy we aragatnaşyk sistemasy gerek. Şolarsyz Türkmenistanyň dünýä ykdasydiýetine goşulmagy mümkin däldir. Ozal transport aragatnaşygy Moskwanyň üsti bilen amala aşyrylýardy. Häzirki ýagdaýda biz Aziýa regionyna düýäniň beýleki regionlaryna göni çykmalydyrys. Türkmenistan, Russiýa, Eýran, Özbegistan, Türkiýe, Ýakyn Gündogaryň, Merkezi Aziýanyň ýurtlary bilen hyzmatdaşlyk edýär. Ýewropanyň we ABŞ-nyň uly kompaniýalary bilen giň möçberli aragatnaşyklar açylýar. Şonuň üçin-de biz dünýäniň ähli böleklerine çykmalydyrys” diýdi.

Tejen-Sarahs demir ýol liniýasyny gurmak boýunça ykdysady hyzmatdaşlyk etmek barada baglaşylan şertnamanyň Orta Aziýa regionynyň ýurtlary bilen baglaşylan ilkinji halkara şertnamasy bolandygy nusga alarlykdyr. Şol şertnama 1991-nji ýylyň Bitaraplyk aýynda baglaşyldy, şol gurluşyk bolsa ýeke-

täk Transaziýa magistralyny emele gertirmäge ýardam etmelidir. Şonuň bilen bir wagtyň özünde bu liniýany Maşada çenli uzaltmak barada Eýran Yslam Resbuplikasy bilen ylalaşyk gazanyldy. 1996-njy ýylyň Magtymguly aýynda Tejen-Sarahs-Maşat halkara demir ýol liniýasy açyldy we soň ulanylmaga berildi. Hakykatda, munuň özi "Beýik ýüpek ýoluny" diletmek boýunça ilkinji we örän möhüm ädim boldy.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda Türkmenistan gyzyklanýan ýurtlar bilen "Demirgazyk-Günorta" ulag koridoryny döretmek baradaky taslamany işläp taýýarlamaga başlady, şol ulag koridory boýunça bolsa ulaglar Gündogar Ýewropanyň ýurtlaryndan Türkmenistanyň üsti bilen Eýrana we soňra Pars aýlagynda ýurtlara gitmeli. Baryp geçen asyrda Russiýanyň patyşasy Aleksandr 1-nji döwründe hem soňra Hindi okeanyna çykmak maksady bilen demir ýoluny Guşgynyň üsti bilen Eýrana ýetirmek barada uly proýekt döredilipdir. Mahlasy, şunuň ýaly taslamanyň işlenip taýýarlanmagy Russiýanyň has irki taryhy gyzyklanmasydyr. Hemişelik Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň hiç bir harby bloklara gatnaşmaýandygy we Russiýanyň Günorta serhetlerinde Bitaraplyk ýagdaýyny döredýändigi hem örän möhümdir.

Türkmenistanyň iň Günorta nokady bolan Guşgydan Pakistana çenli demir ýol liniýasyny gurmak taslamasynyň durmuşa geçirilmegi hem "Demirgazyk-Günorta" ulaglar sistemasyny döretmekde möhüm rol oýnar, şol demir ýol liniýasy bolsa diňe bir Pakistanyň däl eýsem tutuş Hindistan subkontinentiniň demir ýol sistemasyny Transaziýa magistraly bilen birleşdirmäge we şonuň üsti bilen Hindi okenyndan Ýewropanyň ýurtlaryna göni gatnawy açmaga mümkinçilik berer.

Bu halkara demir ýol liniýasynyň gurulmaly netijesinde Russiýadan ýükleri Pars aýlagynyň bazarlaryna we Hindi okeanynyň bazarlaryna eltmegiň möhleti 14 gije-gündize barabar kemelýär.

Garaşsyz, Hemişelik Bitarap Türkmenistanyň, dostlukly Eýranyň we beýleki ýurtlaryň ykdysady hem-de sosial-medeni durmuşlary üçin Tejen-Sarahs-Maşat demir ýol liniýasynyň ähmiýeti biçak uludyr. Ykdysatçylaryň hasaplamalary boýunça bu demir ýol magistralynyň ulanylyp başlanmagy bilen Türkmenistanyň öňünde diňe şol demir ýol liniýasy boýunça tranzit gatnawlary üçin her ýylda azyndan 20 million amerikan dollaryna barabar sap peýda almak mümkinçiligi döreýär. Gündogardan, Günbatara, Ýaponiýadan, Günorta Koreýadan, Hytaýdan, Gazagystandan, Türkiýeden we beýleki ýurtlardan hem-de gaýdyşyn Ýewropadan Türkmenistanyň üsti bilen Ýakyn we Orta Gündogaryň hem-de Günorta-Gündogar Aziýanyň ýurtlaryna millionlarça tonna ýükler geçiriler.

“Türkmenistan dünýäniň iň wajyp çatrygynda ýerleşmek bilen, ýer ýüzüniň uglewodorod çig mal zapaslarynyň dörtden birine eýedir we tebigy gazyň zapaslary boýunça hem dünýäde dördünji orunda durýar. Şu ýagdaý hem biziň alyp barýan Bitarap syýasatymyzyň dogrudygyny tassyk edýär. Sebäbi bu Türkmenistanyň geografiki taýdan amatly ýerde ýerleşişini nazara almak bilen, halkara hyzmatdaşlygynyň bähbitlerine doly laýyk gelýär” diýip, BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 50 ýyllyk ýübileý sessiýasynda nygtap geçdi.

Türkiýe Resbuplikasynyň “EKA Interneýşnl” agentliginde Tejen-Sarahs-Maşat demir ýolunyň ägirt uly ähmiýeti barada şeýle diýdi: “Bu demir ýol magistraly diňe bir türkmen halkyna, Eýran halkyna sowgat bolman, EKO

ýurtlarynyň we dünýä halklaryna sowgatdyr. Bu bir diňe Türkmen-Eýran dostlugynyň simwoly bolman, dünýä halklarynyň gatnaşyklarynda täze bir eýýämi açjak dostluk köprüsidir. Hut gadymýetiniň şöhratly "Ýüpek ýoly" şol gün täzeden dikeldilýär, täzeden dünýä inýär diýsem, bu demir ýoluň ähmiýeti öz-özünden düşnükli bolar".

Transmilli magistralyň şahasynyň Kaspi deňizine tarap ösmeginiň dowam etdirilmegi we Azerbaýjanyň hem-de Gruziýanyň üsti bilen Gara deňizdäki Poti portuna çykylmagy, ýagny Kaspiýaka koridoryň açylmagy tutuş region we Türkmenistan üçin ulaglar babatynda bolup geçýän rewolýüsion özgerişikleriň logiki dowamy bolup durýar, munuň özi bolsa ahyrsoňunda Merkezi Aziýa döwletleriniň Gara deňzine açyk çykmaklaryna mümkinçilik berer.

Dört döwletiň,ýagny Türkmenistanyň, Özbegistanyň, Azerbaýjanyň we Gruziýanyň baştutanlary Transkaspi koridoryny açmakda arkalaşykly hereket etmek hakyndaky ylalaşyga gol çekdiler, şol koridor bolsa bu 4 döwletiň demir ýol setini birleşdirer we olary Gara deňziň kenarynda ýerleşýän Poti portuna çykarar. Bu ylalaşyga gol çekmek dabarasynyň Transaziýa magistralynyň açylan gününde, Sarahs wokzalynyň täze jaýynda, 1996-njy ýylyň Magtymguly aýynyň 13-ne bolup geçmegi hem simwoliki mana eýedir.

Ýewropanyň we Aziýanyň ýurtlary bilen Türkmenistanyň gatnaşyklary barada söz açmak bilen Türkmenistan döwletiniň Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyna gatnaşmagy barada durup geçmek ýerlikli bolar. Türkmenistan Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň doly hukukly agzasy bolmak bilen, şol guramada aýratyn orny eýeleýär, ýagny Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyna girýän döwletleriň ýerleşýän geografiki giňişliginiň edil ortarasynda ýerleşýär, esasy ulag magistrallary we turbaprowodlar hakykatda gös-göni

Türkmenistanyň üstünden geçer, şolar bolsa Demirgazygy Günorta bilen hem, Günbatary Gündogar bilen hem birleşdirer.

## Amerikaň Birleşen Ştatlaryň Merkezi Aziýada geçirýan geosyýasaty we aýratynlyklary.

Amerikaň Birleşen Ştatlaryyň Merkezi Aziýa ýurtlaryna bolan gatnaşygy esasan aňlaýyşlarda, gönümel aralaşmak, şeýle hem hususy strategik prioritetlerewe gyzyklanmalary daýnmagy bilen esaslanýar. Görkezilenler Amerikaň Birleşen Ştatlary tarapyndan berilýan bahalaryň ulgamynda iň esasy döminerleýiji bolmagynda galýar. Bu bolsa Russiýa, Hytaý, Eýran, yslam dünýäsi bilen gatnaşyklaryň elementiniň giň möçberi bilen aňladylýar. Ýagny ol ikinji nobatda Amerika Birleşen Ştatlara peýdaly bolan formirowaniýe we peýdaly bolan güýjüň balansy, regionda bolşy ýaly dünýä möçberinde hem zerurlygy bilen bagly. Amerika Birleşen Ştatlaryň hem Merkezi Aziýany öz durmuşy gyzyklanmalarynyň gatlagynda, hatarynda göresi gelýänligi sözsiz. Ýöne häzirki zaman etapynda RF, HHG, EÝR-ýaly döwletlerden başlap potensialyň ýa bolmasa syýasy tendensiýalaryň ösen döwletleriň döremegini Waşington görkezmejek we şoňa bermejek bolýanlygy hakykat ýüzünde görünýär.

Amerika Birleşen Ştatlara regionda Turkiýanyň aktiwligini ýokarlanmagyny giňeltmegini dowam edýär. Ilkinji nobatda Turkiýa tarapa energoresurslaryň prizma üsti bilen transportirowka edilmegini gurnaýar. Bu belli bir derejede aşakdaky sebäpler boýunça aüladylýar: Içeri syýasy häsýetnama boýunça-Turkiýadaky kyn ýagdaý, bu ýerde klerikal güýçleriňpozisiýasynyň güýçlenmeginiň we progünbatar orentasiýasynyň ejizlemeginiň mümkinçiligi; geostrategiki-Turkiýany ýewro-atlantik kooperatiýa, şol sanda Nato-da Amerika Birleşen Ştatlaryň ynamdar saýuzdaşlarynyň

biri hökmünde goralmagy şeýle hem Ankaraň aňrasynda regionda Waşinktonyň syýasatyna ýol görkeziji döwlet hökmünde goralmagy.

Mundan başga-da üç döwletiň biri, ýagny Russiýa Federasiýasy, HHR , EYR-ynyň biriniň trasport proektleriniň esaslandyrylmagy şol döwletleriň biriniň ösendigini görkezer, bu bolsa öň hem belläp geçişiňiz ýaly Amerika Birleşen Ştatlaryň meýilnamalaryna girenok. Mundan başga-da regiondaky Amerikanyň syýasaty içeri tendensiýalaryň töwereginiň ýesiri bolup durýar.

Britaniýadan Amerika Birleşen Ştatlarda kimiň daşary ýurtlarda girdejisi köp bolsa, döwlet üçin peýdaly işi köp bolsa şonuň hem pozisiýasy ýurtda ýokary hasap edilýär.Başga tarapdan özni demokratiýanyň düýbi hasaplaýan döwletiň, hemme ýer boýunça demokratik gymmatlyklary ýaýradyjy we saklaýjy, daşky dünýä bilen "Demokratik standart" prinsipinden gelip çykýan ugur boýunça gatnaşygyny Amerikada uly, ýagny liberal köp gatnaşyklaryny saklaýar.

Görkezilen aralaşmalar deň galaýmaly usul bilen Amerika Birleşen Ştatlaryň daşary syýasatynda şekillenýär. Bu waka, ýagdaý köplenç halatda Waşingtonyň adresine adyl halkaiçeri akymlarynyň şöhlenmegi, ýagny onuň Amerika Birleşen Ştatlaryň içerki akymlarynda ikileýin standart döreýär. Birleşen ştatlaryň aralaşmagynyň esasy elementi bolup dünýä ykdysady bir hatarda halkara maliýasynda ýagny garşylyksyz Merkezi Aziýa aralaşmagyň ykdysady we maliýe mümkinçiligi ýumuşlar konfekstinde aňladylýar.

Bu görkezilen syýasaty obýekti bolup şol energo resurs potensialy galýar.Amerika Birleşen Ştatlary regiondaky transport infrastrukturasynyň günbatarda ugrukdylmagynyň ösüşiniň tarapdary we şonuň bilen gyzyklanýa ( Ýewro-Aziýa koridory, gündogor- günbatar marşyrut.). Ýagny ol teoriýa taýdan tutýan orny "Ýüpek ýoluny srategiýasy : XXI asyr

”diýen kanuny proekde görkezilen. Bu kanun senagat tarapyndan tasyklandy (1999 ýyl.) Şeýle hem bu kanun Amerika Birleşen Ştatlaryň kongresiniň agzalarynyň garamagyna berildi.

Wajyp bellemeli zat köp garaýyşlara görä Merkezi Aziýa döwletleriniň bahalarynyň köp bölegine eýe, ýagny bu ýerde Amerika syýasy geosyýasadyň balansyny ösüşinde uly rol oýnaýar. Şonuň bilen birlikde Waşingtonyň häzirki ýagdaýy birnäçe skeptisrymleriçagyrýar.

Göz öňüne getirlişine görä birleşen ştatlaryň syýasyformirlenýän toporlaryň ýolbaşçylary “Gysga wagtda günbatar nusgasy boýunça demokratiýany gurmak” diýen ideolistik islegi öňe sürýärler. Ýöne olar munuň Merkezi Aziýanyň durnuklylygynyň destruktiw bolmagyny, bir topar howpyň obanjagyny göz öňüne tutmaýardylar. Bu gatnaşykda Amerik Birleşen Ştatlara ýerli ýagdaýy göz öňünde tutmaly, bu bolsa Merkezi Aziýada Waşinkdonyň abraýyny götirer.

**Hytaý Halk Respublikasynyň Merkezi Aziýadaky syýasaty.**

Hytaý Merkezi Aziýa meselesinde reolistik hereket edip ol Merkezi Aziýa gönükdirilen syýasatynda hüşgär bolmak syýasaty alyp barýar. HHR-nyň Merkezi Aziýa bolan daşary stratekik gyzyklanmasy janly däl. Bu ol hereketiň doly ýoklugyny aňlatmaýar. Geosyýasymeýilnamada HHR-sy regionda öz ambisiýalaryň islenmeýändigini we entäk wagtynyň däldigini aňlaýar.

Hytaýyň bu passiw Merkezi Aziýa syýasaty hemme zatdan öňürti onuň esasy gyzyklanmasynyň ATR-dadygy bilen düşündirilýär. Şonuň bilen hen eger HHR-sy Merkezi Aziýa bolan gyzyklanmasyny güçlendirse onda özara hyzmadaşlyk we straregiki häsýetlenýän Hytaý-Rus gatnaşygynyň bozulmagy mämkindi.

Hytaý hökümeti yzygiderli Merkezi Aziýa we Russiýa bilen sowet döwleti dargandan soňky ýagdaýlar sebäpli hiç gatnaşyklarda özara wakumynyň, garşylygyň döremegine garşydygyny öwran-öwran belläp gelöär. Mundan başgada Hytaýyň Merkezi Aziýa meselesine kän goşulmazlygy edil şonuň ýaly HHR-nyň Sinsizýan-Uýgur awtanom raýonyň gündogar bölegindäki ýagdaý bilen bagly. Şolar bilen bilelikde

**Pakistanyň Yslam Respublikasynyň owgan faktory.**

Pakistanyň Yslam Respublikasy häzir regionda ýader ýaragynyň bolmagy, şeýle hem ony gerekli ýerne eltmäge mümkinçiliginiň bolmagy onuň aziýa regionynda lider bolmagyna esas döredýär. Merkezi Aziýz ýurtlary Pakistanyň hem ünsüni syýasy we ykdysady taýdan özüne çekýär. Regionda Yslamabadyň täsiriniň ösmegi onuň günorta Aziýadaky rolunyň artmagyna getirer we ösüp gelýän täze ýar musuliman döwletleriniň onuň tarapynda geçmegi Hindistanyň bilen bolýan konfrontasiýada, şeýle hem garşydaş goňşy döwletler bilen Eýran, Turkiýa bilen konkurensiýada oňa uly ýardam berip biljek.

Pakistan Merkezi Aziýa döwletleri bilen integrasiýa, ähli taraplaýyn syýasy-ykdysady taýdan region bilen gatnaşyk bilen gyzyklanýar. Şunuň bilen baglanyşyklyda Yslamabat Merkezi Aziýa bilen transport aragatnaşygyna, hususanda ol üsüni Owganistanyň üsti bilen magistrol ugurlary geçirmekde jemleýär.

Ýöne Pakistanyň Yslam Respublikasy regiondaky maliýe-material üpjünçiligiň kynlygy, içeri syýasy durnuklylygyň ýoklugy, Hindistan bilen konfrontasiýanyň bolmagy, onuň hem Owgan ýagdaýy bilen gyzyklanýanlygy bu niýetine ýetmäge mümkinçilik berenok.

Mundan başgada häzirki ýagdaýlar Pakistanyň halkara ýagdaýyna hem zyýan ýetirýär. Bu bolsa onuň Merkezi Aziýa

iri syýasy adimlerini etmäge dünýä jemgiýetiniň kömeginden peýdalanmaga mümkinçilik bermeýär.

Şeýle şertlerde Pakistanyň Yslam Respublikasy ideologik we güýç syýasatyny demostrirleýän bolmagy mümkin. Bu bolsa bütin region we Pakistanyň özi üçin hem destruktiw bolup durýar.

Pakistanyň Yslam Respublikasynyň Merkezi Aziýa bolan syýasatynyň esasy elementi bolup owgan ugry, anti hindi liniýasy, şeýle hem Eýrany izolýasiýa etmek boýunça Amerika Birleşen Ştatlaryň syýasy çykyş edýär. Bu gatnaşyklarda belli toparlar, ýagny Pakistandaky ýokory toparlar geosyýasy isleglerine ýetmekde esasy ýarag höküminde talybanlary ulanýarlar. “Talyban” hereketine ýokary derejeli kömeginiň Pakistan tarapyndan edilmegi 1997 ýyla çenli duýuldy.

Ýene-de, Eýran panturkizm ideasynyň uly rol oýnaýan ýeri bolan Turkiýadan çekinýär. Ýa bolmasa başga-da regional öz syýasatyny gögerdýän, ýagny wagtda öz syýasatyny dikeldip biljek sünni fundamentalizminden çekinýär.

Eýran Yslam Respulkasy üçin esasy maksat şu dörän izolýasiýasy ýagdaýyndan çykmak üçin, ýagny ykdysady we syýasy ýagdaýdançykmak üçin ýaňy ýakyn hökümetiň ýakyn we orta gündogar ýurtlar, şeýle hem Ýewropa saparlarynyň butijisinde gatnaşyklary berkitmek arkaly şu ýagdaýdan çykmak mümkin diýip tassyklanýar. Eýran Amerik Birleşen Ştatlary, Russiýa , Hytaý we Ýewropa ýurtlaryň garşysyna, ýagny deňagramasyzlygynyň üsti bolen öz Merkezi Aziýadaky geosyýasy balansyny saklamaga ymtylýar. Şonuň bilen birlikde Eýranyň Merkezi Aziýa gönükdirlen uzak möhleti syýasatynda jemlenmegi Eýran jemgiýetinde diniň ösmegi, şeýle hem Amerika Birleşen Ştatlar bilen gapma-garşy pikir, şonuň bilen bir hatarda goňşy ýurtlar bilen düşünişmezlik mümkinçilik bermeýär.

# EDEBIÝAT

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
11. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
12. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.

13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
15. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat, 2009.
16. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat, 2009.
17. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
19. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler

ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna// Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
28. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-

njy ýylyň 14-nji maýy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maý.
29. Гаджиев А. Г. Политическая наука. М. 1997
30. Политология. Учебник для вузов. М.2002
31. Политология. М. 2002
32. Сравнительная политология. М. 2003
33. Геополитика. Минск. 1994.
34. Политический словарь. М. 2002
35. Нартов И.С. Геополитика (учебник для вузов.) М.2001

# Mazmuny

Giriş.........................................................................7-8
Geosyýasat ylmy sebitler düşünjesi we olaryň gatnaşyklarynyň kanunalaýyklyklary barada................9-16
Geosyýasatyň çeşmeleri..................................................17-18
Geosyýasatyň harby-strategiki we geografiki çeşmeleri.........................................................18-20
Geosyýasatyň döwürleri................................................20
Geosyýasatyň esasy kanunlary........................................21
Geosyýasatyň esasy düşünjeleri.....................................21-22
Geosyýasy ylmyň usullary...............................................22-23
Geosyýasatyň funksiýalary……………………………24-25
Fridrih Rasseliň geosy yasy mekdebi…………………25-26
Rudolf Çelleniň geosyýasy taglymaty…………………26-27
Makinderyň “Географическая ось истории” atly eseriniň many-mazmuny……………………………………….27
Karl Haushoferiň geosyýasy taglymaty………………27-28
Häzirkizaman Günbatar geosyýasy taglymatlary we mekdepleri………………………………………….28-29
Russiýanyň geosyýasy mekdepleri……………………29-30
Häzirkizaman Dünýäsinde geosyýasatyň orny………30-31
Türkmenistanyň geosyýasaty....................................31-33
Türkmenistanyň sebit syýasatynýň taryhynda orny we ähmiýeti……………………………………………33-34
Türkmenistanyň Prezidenti G.M.Bedimuhamedowyň Ỳewropany we Aziýany birleşdirmek üçin geçirýän ajaýyp ulaglar boýunça syýasaty……………………………34-38
Amerikaň Birleşen Ştatlaryň Merkezi Aziýada geçirýan geosyýasaty we aýratynlyklary.............................................38-40

**Hytaý Halk Respublikasynyň Merkezi Aziýadaky syýasaty.........................................................................40-42**